# Ähliumumy döwürleýin synyň mejlisinde Türkmenistanyň adam hukuklary baradaky milli hasabatyna serediler

**ŽENEWA (2023-nji ýylyň 1-nji noýabry) -** Duşenbe güni, 2023-nji ýylyň 6-njy noýabrynda Türkmenistanyň adam hukuklary barada milli hasabaty Birleşen Milletler Guramasynyň Adam hukuklary barada geňeşiniň Ähliumumy döwürleýin synynyň (ÄDS) Işçi toparynyň agzalary tarapyndan Ženewada internet arkaly janly ýaýlymda geçiriljek duşuşykda dördünji gezek serediler.

Türkmenistan 2023-nji ýylyň 6-17-nji noýabry aralygynda geçiriljek mejlisde ÄDS-niň Işçi topary tarapyndan milli hasabatyna serediljek 14 döwletiň biri bolup durýar. ÄDS arkaly Türkmenistanyň **birinji, ikinji we üçünji hasabatlaryna berilen synlar** degişlilikde 2008-nji ýylyň dekabrynda, 2013-nji ýylyň aprelinde we 2018-nji ýylyň maýynda bolup geçdi.

ÄDS-niň Işçi topary Adam hukuklary barada geňeşiň 47 agza döwletlerinden ybarat bolup durýar. Muňa garamazdan, ýurduň milli hasabatyna berilýän syna BMG-niň 193 agza döwleti gatnaşyp bilýär.

Synlaryň esaslanýan resminamalary şulardan ybaratdyr: 1) milli hasabat– syn berilýän Döwlet tarapyndan berilýän maglumatlary; 2) Aýratyn çäreler, adam hukuklary boýunça düzüm bölekleri we BMG-niň beýleki edaralary hökmünde belli bolan adam hukuklary boýunça garaşsyz bilermenleriň we toparlaryň hasabatlaryndaky maglumatlar; 3) beýleki hyzmatdaşlar, şol sanda, adam hukuklary boýunça milli edaralar, sebit guramalary we raýat jemgyýeti toparlary tarapyndan berilýän maglumatlar.

6-njy noýabrda Türkmenistanyň syny üçin esas bolup biljek üç hasabat bilen **şu ýerde** tanyşmak bolar.

**Ýeri**: 20-nji otag, Milletler Köşgi, Ženewa

**Wagty we senesi**: 9:00 – 12:30, Duşenbe, 2023-nji ýylyň 6-njy noýabry (Ženewa wagty, GMT +1 sagat)

ÄDS – BMG-niň ähli 193 agza döwletleriniň adam hukuklary barada ýagdaýlaryna berilýän bilermenlik syny bolup durýar. 2008-nji ýylyň aprelinde

geçen onuň ilkinji duşuşygyndan bäri, BMG-niň ähli 193 agza döwletiniň ýagdaýlaryna üç gezek syn berildi. ÄDS-niň dördünji tapgyrynda döwletleriň ýene-de geçen synlarda olaryň öňünde goýulan maslahatlary durmuşa geçirmegi dowam etmek üçin görjek çäreleriniň kesgitlenmegine we ýurtda adam hukuklary bilen baglanşykly soňky üýtgeşmeler barada habar bermeklerine garaşylýar.

Türkmenistanyň wekilýetine Daşary işler ministriniň orunbasary Wepa Hajyýew ýolbaşçylyk eder.

Türkmenistanyň adam hukuklary barada ýagdaýyna syn beriji üç ýurt wekili hökmünde (“üçlük”) Malaziýa, Çernogoriýa we Sudan çykyş eder.

Mejlis **şu salgy** arkaly internetiň üsti bilen ýaýlyma beriler.

Türkmenistanyň hasabatyna beriljek synyň dowamynda çykyş edýänleriň sanawy we ähli ediljek elýeter beýannamalar ÄDS-niň öz **içerki internet ulgamynda** ýerleşdiriler.

ÄDS-niň Işçi topary Türkmenistan üçin maslahatlary 2023-nji ýylyň 10-njy noýabrynda, Anna güni, 15.30-18.00 aralygynda kabul etmegi meýilleşdirýär. Milli hasabatyna syn berilýän döwlet synyň dowamynda özüne berilen maslahatlar barada öz garaýyşlaryny beýan edip biler.

//SOŇY //

*Goşmaça maglumatlar we media towakganamalary üçin,* ***simp@un.org*** *salgy arkaly AHG-niň Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri boýunça işgäri Paskal Sim;* ***david.diazmartin@un.org*** *salgy arkaly AHG-niň Jemgyýetçilik maglumatlary boýunça işgäri Dawid Diaz Martin; we* ***verena.bongartz@un.org*** *salgy arkaly Werena Bongarts bilen habarlaşmagyňyzy haýyş edýäris.*

*Ähliumumy Döwürleýin Syn barada giňişleýin maglumaty* **www.ohchr.org/en/hr-bodies/upr/upr-main** *internet saýtyndan almak bolar.* ***BMG-niň Adam hukuklary barada Geňeşi hakynda aşakdaky sosial ulgamlarda hem maglumatlary alyp bilersiňiz:***

**Facebook** | **Twitter** | **YouTube** | **Instagram**